
Tazy
hem
tilki

# Tazy hem tilki

## *Türkmen halk ertekisi*





Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2010

UOK 894.361

T 31

T 31 **Tazy hem tilki.** Türkmen halk ertekisi. -A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

TDKP № 181, 2010

KBK 84. Tür 1

© Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.



Gadym zamanlarda bir tilki bar eken. Bu tilki özünden güýçli haýwana duş gelmänsoň, hemişe özünden ejiz haýwanlary horlap ýörer eken.

Ol hiç bir gara görmän, öz bolşundan örän göwni hoş bolup: «Dünýäde



meniň ýaly, özünden göwni hoş haýwan barmyka?» diýip güpüläp, öwner eken.

Ol şol gezip ýörşüne bir gün beýik bir depäniň üstüne çykyp: «Meniň şu günler ylgasym gelýär. Wah, şu wagt öňümden bir

towşan turup gaçsa, men hem şony kowup, keýpden çyksam» diýip, arzuw eden.

Tilkiniň bu sözlerini bir awçy eşiden. Ol awçynyň ýanynda bir



tazysy hem bar eken. Ol depäniň gapdalyndan tazysy bilen bukdaklap gelip, şol ylgap, aýagynyň ýelini çykarjak bolýan tilkini tazysyna görkezýär. Tazy hem oňa tarap topulýar. Tilki görse, ine, bir tazy ýetip



gelýär. Ol tazyny gören badyna, «Assa gaçan–namart» diýip, göterýär ökjäni.



Häli aldym-da, şindi aldym bolup barýarkalar, gapdallaryndan bir towşanjyk çykyp: – Tilki aga, ne beýle gaty gidýärsiň,



örän ylgasyň gelipdir öýdýän?! Hany, dur ahyry! Bir görşeli-le! – diýipdir.

Onda tilki:

– Aý, towşan dost, bu wagt «dur» diýmäweri. Soň görşäýeris – diýip, ylgawyny ýazman jogap beripdir.



Onda towşan:

– Nirede görşerkäk, tilki dost! – diýip, gülümjiräp gygyran.

Onda tilki:

– Haý, dost, tazynyň rehimi inäýmese, meniň nirede boljagymy hol awçydan soraýmasaň, men-ä bilmedim-ow – diýip, sözüni soňlap ýetişmänkä, tazy tilkiniň yzyndan ýetip, gabyr-gubur basypdyr. Onýança awçy hem gelip ýetipdir.





# Tazy hem tilki

*Türkmen halk ertekisi*


Redaktor *N. Halymowa*
Teh. redaktory *O. Nurýagdyýewa.*
Kompýuter bezegi *L. Çudina*
Suratçy *Jeren Bekiýewa, Türkmenistanyň döwlet çeperçilik akademiýasynyň talyby*

A-49051. Çap etmäge rugsat edildi 09.08.2010.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{8}$. Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 1,4.
Şertli reňkli ottiski 1,87. Hasap-neşir listi 1,87. Çap listi 1,5. Sargyt 1977 Sany 12.800

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

